# Garly gün (oýlanma)

Category: Oýlanmalar
написано kitapcy | 17 марта, 2025



Gyş! Aňzakly günleriň golaýlap gelýänini bildirmejek bolýan dek, sary reňke boýap çykan topragynyň ýakyn wagtda aýazdan goranmak üçin ak gary ýorgan edinmeli boljakdygyna özi günäkär ýaly, köňlüni gussadan dolduryp giden sarymeňiz güýz bilen hoşlaşanymyz ýaňy ýalydy. Ine, eýýäm şadyýan çagajyklaryň gülküleriniň has çasly ýaňlanmagyna sebäp bolan gyşyňam bir aýy yzda galypdyr. Bu ýyl-a gyşyň owadanlygy-da üýtgeşik. Körpejeleriň meýdanda garyň üstünde dürli oýunlary oýnap, şady-horram bolup ýörüşlerini guwanç bilen synlamagyň özi köňlüňi joşdurýar. Sähel eliňe galam alýan bolsaň, nämedir bir zatlar barada oýlanmaga mejbur edýär. Menem bu gün umumy ýaşaýyş jaýymyzyň penjiresinden daşaryny synlap durşuma, akja gar barada pikire çümenimi duýman galdym.

Dogrusy, ak garyň beýdip, uzak wagtlap topragy ýassanyp ýatanyny ýatlap ber diýseler, gürrüňim kän bir uzaga gider öýdemok. Sebäbi bular ýaly sowuk, garly gyşlaryň seýrek bolýandygyny ulularam aýdýarlar. Bize bolsa entek o diýen köp gyşy garşylamagam miýesser edenok. Ýöne täsinliginden, owadanlygyndan, şatlyk paýlamak ukybyndandyr-da, sähel wagtlyk myhman bolaýanda-da, gar özi barada süýjüje ýatlamalary goýmaga-ha ýetişýär. Menem şolar ýaly ýatlamalaryň birnäçesini kalbymda edil gymmatbaha monjuk kimin saklap ýörün…

Ol wagtlar ýaňy bir orta mekdebiň başlangyç synplarynda okap

ýördüm. Bir gün irden tursam, ejem bir ýerlerden gonjy uzyn ädigimi çykarypdyr-da, arassalap, geýmäge taýýynlap otyr. Men badabat oňa: «Eje, meniň gonjy gysga ädigimem ýylyjag-a» diýdim. Ejem mähirli ýylgyrdy-da, äpişgä tarap seredip: «Sen ýeriňden tur-da, penjireden daşaryk bir seredip gör, onsoň näme geýjegiňi aýdarsyň» diýdi.

Men köpden bäri garyň ýagaryna garaşyp ýöremsoň, ýagdaýy aňdym-da, haýdap penjiräniň öňüne bardym. Daşaryk seredenimden, gözüm gamaşyp gitdi. Ap-ak barlyk meniň çaga kalbymda täsin bir duýgyny oýardy. Ylgap daşaryk çykmakçy boldum. Ýöne ejem meni saklady.

Gar garaşyşymyzdakydan-da köp ýagypdyr. Men muňa birbada begensemem, soňabaka bu şatlykly duýgularymyň ornuny lapykeçlik eýeläp ugrady. Munuň bolsa özüne ýetesi sebäbi bardy. Şol gün biz okuwdan gyşky dynç alşa çykýardyk. Ejemem meni goňşy obada ýaşaýan enemlere gezelenje äkitmegi söz beripdi. Meniň barmagyma enemiňem garaşýandygyny bilýärdim. Sebäbi biz telefon arkaly gürleşip durýardyk.

Irden okuwa gidip barýarkak, petde bolup ýatan gary synlap, ejemiň: «Ýollaram-a gaty sürçek bolupdyr, howalar birneme gowulaşýança, eneňlere gitmegi goýbolsun edäýmesek» diýmegi meniň bar keýpime sogan dograny.

Okuwdan soň synpdaşlarymyz garyň üstünde dürli oýunlary oýnap, keýpden çykdylar. Gar adamsyny ýasamak dagy meniň iň uly arzuwymdyr welin, şol gezek köpçülige goşulybilmän oturdym. Sebäbi bar pikirim enemlere gidip bilmejekdigimiz barada ejemiň aýdanlarydy.

Men enemiň gadymdan ýadygär galan agaç tabagyndan doganoglan jigilerim bilen bileje süýt içmegi nähili gowy görýändigimi bir bilsediňiz. Körpeje jigilerim bilen oturyp, enemiň aýdyp berýän gyzykly ertekilerini diňlemeg-ä ähli zatdanam süýji. Şonuň üçinem men her dynç alşymy enemlerde geçirerdim. Emma bu arzuwymyň yza süýşýändigi meniň çaga göwnümi gussa batyrypdy.

Deň-duşlarym bilen kän bir oýna gyzyşyp bilmämsoň, öýe gaty gijä galman geldim. Gelsem, gapyda Haýdar daýymyň ýük ulagy dur. Içerik girenimdenem ejem: «Ine, öýkelejik gyzjagazymam geldi. Haýdar daýyň seni ýörite eneňlere alyp gitmäge gelipdir» diýdi. Men ejemiň aýdanlaryny eşidip bökjekläp ugradym. Görüp otursam, ejem meniň gynananymy daýyma aýdypdyr. Ol hem ýük ulagy bilen olar ýaly syrgynda has uzak ýollary-da aşýandygyny aýdyp, meni enemlere eltip gaýtmagy teklip edipdir.

Şol ýyl tä gyşky dynç alşymyz tamamlanýança, ýerde gar ýatdy. Şol garly gyş enem bilen garşylan iň süýji hem soňky gyşym hökmünde ýadymda galdy. Hemem gar ýagsa, hökman çaga göwnümi ýykmazlyk üçin bar işini-güýjüni taşlap ýola çykan daýymyň keşbi göz öňüme gelýär…

***Altyn MYRATDURDYÝEWA,***
***Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.***